Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty

Germaniýanyň Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş federal
ministrliginiň (BMZ) tabşyrygy boýunça hereket edýän
Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk jemgyýetiniň (GIZ)
«Merkezi Aziýada hukuk döwlet gurluşyna ýardam»
atly sebitleýin taslamasy

# ADMINISTRATIW ÖNÜMÇILIK HAKYNDA TÜRKMENISTANYŇ KANUNYNA YLMY-AMALY DÜŞÜNDIRIŞLER

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

UOK 342.9+001
A21

**A 21 «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna ylmy-amaly düşiindirişler. -** A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

«Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna ylmy-amaly düşündirişleri taýýarlamaga alymlar, tejribeli hukukçy hünännenler gatnaşdy. Düşündirişler Gennaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk jemgyýetiniň (GIZ) «Merkezi Aziýada hukuk döwlet gurluşyna ýardam» atly Sebitleýin maksatnamasyna wekil- çilik edýän lialkara bilennenler bilen bilelikde taýýarlanyldy.

Türkmenistanda soňky ýyllarda raýatlaryň hukuklaryny amala aşynnagy üçin döwlet tarapyndan döredilýän şertleriň yzygiderli ösdürilmegi we döwrebaplaş- dyrylmagy kanunyň ulgamlaýyn dunnuşa geçirilmeginiň kepili bolup dmýar, kanu- nylygyň we hukuk tertibiniň berkidilmegini üpjün edýär.

Düşündiriş döwlet gullukçylary, kazylar, adwokatlar, hukuk gulluklarynyň hünännenleri, aspirantlar, hukuk we

dolandyryş ugurlary boýunça ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, mugallymlary, şeýle hem administratiw hukugy bilen gy- zyklanýan beýleki okyjylar köpçüligine niýetlenýär. Düşündirişlerdäki kanunçyly- ga salgylamnalar 2019-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä taýýarlanyldy. Awtorlar topary bu düşündirişleriň «Administratiw önümçilik hakynda» Türkme- nistanyň Kanunynyň maddalarynyň nazaryýet we tejribe esaslaryny özleşdinnekde peýdaly boljakdygyna ynam bildirýärler.

Düşündirişlerde beýan edilen garaýyşlar diňe awtorlaryň pikiri bolup dmýar we GlZ-iň syýasatynyň şöhlelemnesi hasaplanyp bilimnez.

TDKP № 213, 2019 KBK 72+67.99 (2 Tü)

© Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty – 2019ý.

**Kitaby taýýarlanlar:**

**Berdimuhamedow Serdar Gurbangulyýewiç,** syýasy ylym- laryň doktory, Ahal welaýat häkimligi, 1-7-nji maddalar.

**Nuryýew Yagmyr Mämijikowiç,** hukuk ylymlarynyň doktory, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, 8-11-nji maddalar.

**Zahyrow Baba,** hukuk ylymlarynyň doktory, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty, 12-15-nji maddalar.

**Çaryýew Begenç Şadurdyýewiç,** Türkmenüstanyň döwlet haryt-çig mal biržasy, 16-19-njy maddalar.

**Hallyýew Gylyçmyrat,** Türkmenüstanyň Yokary kazyýeti, 20-25-nji maddalar.

**Mämmetgurbanowa Araztuwak,** Türkmenistanyň Adalat ministrligi, 26-32-nji maddalar.

**Orazdurdyýewa Baýramgül Motyýewna,** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, 33-36, 40-41-nji maddalar.

**Gurbannazarowa Yazdursun,** Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekil - Adalatçy, 42-49-njy maddalar.

**Yorg Pudelka,** «Merkezi Aziýada hukuk döwlet gurluşyna ýardam» atly Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk jemgyýetiniň (GIZ) sebitleýin taslamasynyň ýolbaşçysy, Berlin şäheriniň admi- nistratiw kazyýetiniň kazysy, 37-39, 50-56-njy maddalar.

**Gurbanow Jumamyrat Hemraýewiç,** hukuk ylymlarynyň kandidaty, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, 57-62-nji maddalar.

**Maslahatçy:**

**Yorg Pudelka,** «Merkezi Aziýada hukuk döwlet gurluşyna ýardam» atly Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk jemgyýetiniň (GIZ) sebitleýin taslamasynyň ýolbaşçysy, Berlin şäheriniň admi- nistratiw kazyýetiniň kazysy.

## MAZMUNY

GIRIŞ ........................................................................................ 11

I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

1-nji madda. Şu Kanunda ulanylýan esasy düşünjeler....................... 14
2-nji madda. Administratiw önümçilik hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy................................................................. 25

3-nji madda. Şu Kanunyň ulanylýan çygry ........ 26
4-nji madda. Administratiw önümçiligi amala aşyrmagyň esasy ýörelgeleri ........ 30
5-nji madda. Administratiw önümçiligiň gömüşi ........ 38
6-njy madda. Çäk degişliligi ........ 45
7-nji madda. Administratiw önümçilikde wekilçilik ........ 47

## II BAP. ÖNÜMÇILIK ÝÖRELGELERI WE KEPILLIKLERI

8-nji madda. Administratiw edara ýüz tutmaga bolan hukuk ........ 51
9-njy madda. Administratiw önümçilikde hukuk ukyby we kämillik ukyby ........ 58
10-njy madda. Administratiw önümçiligiň gatnaşyjylary ........ 62
11 -nj i madda. Administratiw önümçiligiň başlanmagy ........ 64
12-nji madda. Işlere seredilende tarapgöýsüzlik ........ 72
13 -nj i madda. Işiň ýagdaýlaryny dogry barlamak ........ 76
14-nji madda. Administratiw edaranyň maslahatlary we administratiw edara tarapyndan zerur maglumatlaryň berilmegi ........ 79
15-nji madda. Subut etmegiň serişdeleri ........ 82
16-njy madda. Administratiw önümçilige gatnaşyjylary diňlemek ........ 85
17-nji madda. Administratiw önümçiligiň materiallary bilen tanyşmak hukugy ........ 92
18-nji madda. Kanun arkaly goralýan syry saklaýan resminamalaryň ýa-da maglumatlaryň gizlinligini üpjün etmek ........ 98
19-njy madda. Administratiw önümçiligi alyp barmagyň dili ........ 100

## III BAP. MÖHLETLER

20-nji madda. Administratiw önümçiligi amala aşyrmagyň möhletleri ........ 101
21 -nj i madda. Möhletleri hasaplamak ........ 106
22-nji madda. Möhletleri uzaltmak ........ 107
23-nji madda. Möhletleri dikeltmek ........ 109

## IV BAP. RESMINAMALARA WE GOLLARYŇ HAKYKYLYGYNA RESMI ŞAÝATLYK ETMEK

24-nji madda. Resmi şaýatlyk etmek ........ 111
25 -nj i madda. Resminamalara şaýatlyk etmek ........ 113
26-njy madda. Gollaryň hakykylygyna şaýatlyk etmek ........ 117

## V BAP. ADMINISTRATIW NAMA

27-nji madda. Administratiw namanyň mazmunyna we gömüşine talaplar ........ 122
2 8 -nj i madda. Administratiw namada goşmaça tabşyryklary beýan etmek 130
29-njy madda. Administratiw namanyň kepili ........ 133
30-njy madda. Administratiw namany esaslandyrmak ........ 138
31-nji madda. Administratiw edaranyň öz garamagy boýunça hereketi ........ 141
32-nji madda. Administratiw namany yglan etmek ........ 144
33-nji madda. Administratiw namadaky göz-görtele ýalňyşlyklar ..... 147

## VI BAP. ADMINISTRATIW NAMANYŇ HAKYKYLYGY

34-nji madda. Administratiw namanyň ýuridik güýji ........ 150
35-nji madda. Administratiw namanyň biderekligi ........ 155
36-njy madda. Önümçilik we formal ýalňyşlyklaryň netijeleri ........ 159
3 7-nj i madda. Bikanun administratiw namanyň ýatyrylmagy ........ 161
38-nji madda. Kanuny administratiw namanyň ýatyrylmagy ........ 172

39-njy madda. Şikaýat önümçiliginde administratiw namany ýatyrmak179
40-njy madda. Administratiw önümçiligiň dikeldilmegi ....................180
41 -nj i madda. Resminamalary we zatlary gaýtarmak.........................182

VII BAP. ŞIKAÝAT ÖNÜMÇILIGI

42-nji madda. Administratiw nama şikaýat etmäge bolan hukuk.......183
43-nji madda. Şikaýat etmegiň tertibi................................................185
44-nji madda. Şikaýaty bermegiň möhleti..........................................187
45-nji madda. Şikaýatyň gömüşi we mazmuny..................................189
46-njy madda. Administratiw namanyň ýerine ýetirilmeginiň togtadylmagy ..........................................................................................191
47-nji madda. Administratiw şikaýata seretmegiň tertibi...................195
48-nji madda. Şikaýata seretmegiň möhleti.......................................197
49-njy madda. Şikaýat boýunça çözgüt kabul etmek ..........................198

VIII BAP. ADMINISTRATIW NAMALARY ÝERINE ÝETIRMEK

50-nji madda. Administratiw namalary ýerine ýetirmegiň tertibi..........200
51 -nj i madda. Pul talaplaryny ýerine ýetirmek ...................................206
52-nji madda. Administratiw nama gönükdirilen şahsy kesgitli hereketleri amala aşyrmaga, kesgitli hereketlere kaýyl bolmaga ýa-da kesgitli hereketleri amala aşyrmakdan saklanmaga borçlandyrýan administratiw namalary ýerine ýetirmek...............................................207
53-nji madda. Administratiw namanyň administratiw nama gönükdirilen şahsyň hasabyna ýerine ýetirilmegi..............................215
54-nji madda. Administratiw namanyň ýerine ýetirilmegini pul bilen mejbur etme ýoly bilen üpjün etmek....................................................218
5 5 -nj i madda. Gönüden-göni mejbur etme........................................220
56-njy madda. Mejbury ýerine ýetiriş çäreleriniň ulanylmagyna şikaýat etmek..............................................................222

IX BAP. ÇYKDAJYLAR

57-nji madda. Administratiw önümçiliginde çykdajylar........................223
58-nji madda. Şikaýat önümçiliginde çykdajylaryň öweziniň dolunmagy ..........................................................................................228
59-njy madda. Yerine ýetiriş bilen bagly çykdajylaryň öweziniň dolunmagy ..............................................................................................................232

X BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

60-njy madda. Administratiw edaralaryň jogapkärçiligi........................234
61-nji madda. Administratiw edaralaryň wezipeli adamlarynyň jogapkärçiligi................................................................241
62-nj i madda. Şu Kanunyň güýj e girmegi ..........................................243

## GIRIŞ

«Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (mundan beýläk gysgaça - AÖH Türkmenistanyň Kanuny) administratiw edaralaryň işinde esas goýujy ähmiýete eýedir hem-de ka- nunyň hökmürowanlygyny üpjün etmäge gönükdirilen wajyp ädim- dir. Kanun işlenip taýýarlanylanda administratiw önümçilik boýunça umumy ykrar edilen halkara kadalary we daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tejribesi hasaba alyndy.

Kanunyň kabul edilmegi administratiw önümçiligiň ýeke-täk ýörelgelerini we düzgünlerini kesgitlemeklige, kanunyň hökmü- rowanlygyny, fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün etmeklige gönükdirilendir. Kanunyň kadalarynyň wagyz edilmeginiň işjeňligi we hemmetaraplaýyn durmuşa geçiril- megi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 18-nji awgustyn-

daky[1] Türkmenistanda durmuş-ynsanperwer ylymlaryny ösdürmegiň Döwlet Maksatnamasy we ony amala aşyrmak boýunça çäreleriň meýilnamasy bilen berk baglanyşyklydyr. Administratiw önümçiligiň wajyp meseleleri boýunça seljerme-düşündiriş işleriniň alnyp baryl- magy bu Maksatnamanyň ýerine ýetirilmeginiň düzüm bölegidir.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwlet edaralarynyň administratiw işi guramaçylyk häsiýetli bolup, bu adamlara döwlet hyzmatlaryny etmegiň netijeli ulgamyny guramakdan ybaratdyr. 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen gömüşi döwlet häkimiýetini guramagyň ýörelgelerini berkidýär, şeýle-de onuň jemgyýet we raýatlar bilen özara gatnaşyklarynyň esaslaryny kesgitleýär. Esasy Kanunyň 4-nji maddasynyň adamy goramagyň, goldamagyň hem-de oňa hyzmat et- megiň döwlet häkimiýet edaralarynyň esasy wezipesi bolup durýan- dygy baradaky kadasy administratiw önümçilik boýunça kanunçyly- gy ösdürmek üçin esas goýujy ýörelgedir.

Turkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kada- laryna esaslanmak, olary halkymyzyň taryhy taýdan emele gelen mil- li mirasy bilen utgaşdyrmak, sazlaşykda ulanmak bilen, hil taýdan yokary derejeli hukuk özgertmeleri geçirýär. Şeýle aýdyň mysallaryň biri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 15-nji ýanwaryn- daky Karary bilen tassyklanan «2016-2020 ýyllarda Türkmenistanda adam hukuklary ulgamynda hereket etmegiň milli meýilnamasydyr[2]». Meýilnamada Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Ter- tipnamasynyň we Adam hukuklarynyň ählumumy jamamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine wepalylygy şöhlelendirilýär. Şeýle hem ýurdumyzyň adam hukuklary boýunça umumy ykrar edilen hal- kara kadalaryny berjaý etmäge we bu ugurda halkara hyzmatdaşly- gyny ösdürmek boýunça tagallalary mundan beýläk-de kämilleşdir- mäge taýýardygy öz beýanyny tapýar.

Kanunyň hökmürowanlygy, adam hukuklarynyň berjaý edilmegi we üpjün edilmegi - bu dumukly ösýän döwletiň häsiýetli aýratynly- gydyr, onuň raýatlarynyň ýaşaýşynyň tebigy kadasydyr.

**Şu Kanun administratiw edaralar tarapyndan administratiw namalarynyň kabul edilmegi, ýerine ýetirilmegi ýa-da ýatyrylma- gy bilen bagly amala aşyrylýan işiň hukuk esaslaryny, ýörelgeleri- ni we öniimçilik düzgünlerini belleýär we adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmeginiň üpjün edilmegine hem-de kanunyň hökmürowanlygyna gönükdirilendir.**

«Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanu- nynyň giriş bölegi kanunyň ähli maddalarynyň we kadalarynyň umumy häsiýetini, şeýle-de, administratiw önümçiligi guramakda Kanunyň maddalaryny şöhlelendirýär. Giriş özüniň düýp mazmuny boýunça şu Kanunyň durmuş-hukuk ähmiýetini beýan edýär, administratiw önümçiliginiň institutlarynyň gymmatlyklarynyň we ýörel- geleriniň öndürijilikli hereket etmeginiň çelgilerini görkezýär. Kanu- nyň girişi - bu onuň jemgyýetçilik niýetlenişiniň şöhlelenmesidir. Şonuň bilen birlikde, giriş kanunyň hereket ediş çygryny kesgitlemek bilen, ahyrky netijede, onuň adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegine hem-de kanunyň hökmürowanlygyna gönükdiri- lendigini anyklaşdyrýar.

Şu nukdaýnazardan, fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklaryny üpjün etmäge gönükdirilen çäreleriň ulgamynda bu kanun wajyp orny eýeleýär. Kanun adam hukuklarynyň amala aşyrylmagynyň ýeke-täk döwlet-hukuk gurallarynyň kemala gelmeginiň we ösüşiniň anyk ugurlaryny üpjün etmek bilen, Türkmenistanda soňky ýyllarda kanu- nylylygyň we hukuk tertibiniň berkidilmegi boýunça durmuşa geçiri- len özgertmeleriň aýdyň beýanydyr.

Häzirki wagtda döwlet edaralarynyň ilata hyzmat etmek boýunça işiniň ähli ugurlaryna öňdebaryjy, ylmy taýdan esaslandyrylan teh- nologiýalar ornaşdyrylýar. Döwrebap ylmy-tehnologik gazanylan- laryň özleşdirilmegi jemgyýetiň we her bir adamyň intellektual we ruhy-ahlak derejesiniň ýokarlanmagyna oňaýly täsirini ýetirýär. Şeýle ýollar arkaly, jemgyýetiň döredijilikli işi, durmuş düzüminiň ähli derejeleriniň ösüşi, şeýle-de raýatlaryň durmuş-ykdysady ulgamlardaky işjeňligi üpjün edilýär.

[1] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. 2016ý.№l. 39-40-njy madda.

[2] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. 2017ý.№8-9. 350-nji madda.